«Aşgabat gazna biržasy» ýapyk görnüşli
paýdarlar jemgyýetiniň
Paýdarlarynyň Umumy Ýygnagynyň
2017-nji ýylyň 17-nji iýulyndaky
11 belgili Teswirnamasy bilen
TASSYKLANYLDY

# AŞGABAT GAZNA BIRŽASYNYŇ GYMMATLY KAGYZLAR BILEN SÖWDALARY GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

## I. Giriş

**1.1.** Şu Tertip, “Gymmatly kagyzlar bazary hakynda” Türkmenistanyň kanunyna, “Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012 – 2016-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 18-nji noýabryndaky 11906-njy Kararyna, şeýle hem Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlandy we gazna biržasynda gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri baglaşmagyň, şu geleşikleri ýerine ýetirmegiň tertibini kesgitleýär.

**1.2.** Şu Tertipde peýdalanylýan düşünjeler şulary aňladýar:

**Gazna biržasy** – Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy we gymmatly kagyzlar bazarynda söwdanyň guramaçysy bolup, gymmatly kagyzlar bazarynyň gatnaşyjylarynyň arasynda emissiýaly gymmatly kagyzlar we beýleki maliýe gurallary bilen raýat-hukuk geleşikleriniň gös-göni baglaşylmagyna ýardam edýän hyzmatlary amala aşyrýan tarap;

**Gazna biržasynyň içerki resminamalary (Içerki resminamalar) –** Gazna biržasynyň tertipnamasy, kadalary, içerki işlerini düzgünleşdirýän beýleki resminamalary we Gazna biržasynyň dolandyryş edaralarynyň öz ygtyýarlygynyň çäklerinde kabul eden çözgütleri;

**Ygtyýarlylandyryjy edara** – Türkmenistanyň Maliýe ministrligi;

**Ygtyýarly edara** – Türkmenistanyň Maliýe ministrligi;

**Emissiýa** – emitent tarapyndan gymmatly kagyzlaryň goýberilmegi we olaryň raýat-hukuk geleşikleriniň baglaşylmagy arkaly birinji eýelerine ýerlenilmegi;

**Emissiýaly gymmatly kagyzlar** – şol bir wagtyň özünde şu alamatlary bilen häsiýetlendirilýän gymmatly kagyzlar:

a) «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen görnüşiň hem-de tertibiň berjaý edilmegi bilen tassyklanylmaga, geçirilmäge we amala aşyrylmaga degişli bolan emläk hukuklaryny berkidýärler;

b) Goýberilişler bilen ýerleşdirilýärler;

ç) Özleriniň satyn alnan wagtyna garamazdan, bir goýberilişiniň içinde hukuklaryň amala aşyrylmagynyň deň möçberi we möhletleri bar.

**Emissiýanyň prospekti** – emitent, onuň maliýe ýagdaýy, goýberýän gymmatly kagyzlarynyň möçberi we olaryň goýberilmeginiň şertleri barada, şeýle hem «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda başga maglumatlary özünde jemleýän resminama;

**Gymmatly kagyzlar** – mälim edilende birine geçirilmegi we amala aşyrylmagy mümkin bolan, özünde berkidilen emläk hukuklaryny tassyklaýan resminamalar. Gymmatly kagyzlar atly we teklip ediji üçin bolup bilýärler:

*Atly gymmatly kagyzlar* – özlerine bolan hukuklaryň geçmegi we olarda berkidilen emläk hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi eýesiniň hökmany kybaplaşdyrylmagy we onuň adynyň gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň sanawynda bellige alynmagy talap edilýän gymmatly kagyzlar;

*Teklip ediji üçin gymmatly kagyzlar* – özlerine bolan hukuklaryň geçmegi we olarda berkidilen emläk hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi eýesiniň hökmany kybaplaşdyrylmagy talap edilmeýän gymmatly kagyzlar;

*Maýa goýum (düýpli) gymmatly kagyzy* –atly gymmatly kagyzyň ýa-da teklip ediji üçin gymmatly kagyzyň maýa goýum serişdesi hökmünde dolanyşykda bolýan we ýuridik şahsyň maýasynda maýa goýum paýy, oňa gatnaşmagyň paýy ýa-da başga bähbitli görnüşde eýeçiligiň bardygyny tassyklaýan görnüşi.

**Gymmatly kagyzlar bazary** – fiziki we ýuridik şahslaryň gymmatly kagyzlaryň emissiýasy we dolanyşygy bilen baglanyşykly gatnaşyklarynyň jemi;

**Obligasiýa** – gymmatly kagyzlaryň bir görnüşi bolup, öz eýesiniň emitentden emissiýasynyň şertlerine laýyklykda we bellenilen möhletde onuň nominal bahasyny ýa-da başga emläk ekwiwalentini almaga bolan hukugyny berkidýän maýa goýum gymmatly kagyz. Obligasiýa boýunça girdeji göterim we (ýa-da) diskont bolup durýar;

**Gymmatly kagyzlaryň dolanyşygy** – gymmatly kagyzlara bolan eýeçilik hukugynyň geçmegine getirýän raýat-hukuk geleşiginiň baglaşylmagy;

**Gymmatly kagyzyň eýesi** – gymmatly kagyz özüne eýeçilik hukugynda ýa-da gaýry zat hukugynda degişli bolan şahys;

**Gymmatly kagyzlaryň resminamalaşan görnüşi** – gymmatly kagyzlara bolan emläk hukuklary kagyz göterijisinde bellenilýän we eýesi bolmalysy ýaly görnüşde resmileşdirilen gymmatly kagyzyň ýa-da gymmatly kagyzyň sertifikatynyň görkezilmegi esasynda anyklanylýan, ýa-da sertifikat deponirlenen halatynda – deponyň hasaby boýunça ýazgy esasynda anyklanylýan gymmatly kagyzlaryň görnüşi;

**Gymmatly kagyzlaryň resminamalaşmadyk görnüşi** – gymmatly kagyzlara bolan emläk hukuklary gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň sanawynda bellenilýän we eýesi görkezilen sanawdaky ýazgy esasynda anyklanylýan ýa-da gymmatly kagyz deponirlenen halatynda – deponyň hasaby boýunça ýazgy esasynda anyklanylýan gymmatly kagyzlaryň görnüşi;

**Gymmatly kagyzlaryň sertifikaty** – emitent tarapyndan gymmatly kagyzlaryň eýesine onuň sertifikatda görkezilen gymmatly kagyzlarynyň sanyna bolan hukuklarynyň tassyklanylmagy üçin berilýän resminama;

**Gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri ýerine ýetirmek (Geleşikleri ýerine ýetirmek)** – taraplaryň geleşiklerden gelip çykýan borçnamalary ýerine ýetirmek ýoly bilen gymmatly kagyzlar boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmagy;

**Resmi sanaw** – Gazna Biržasynyň Söwda ulgamynda dolanyşykda bolmaga rugsat edilen gymmatly kagyzlaryň ähli görnüşleriniň Gazna Biržasynyň Içerki resminamalaryna laýyklykda düzülen we tassyklanan sanawy;

**Gazna biržasynyň makleri** – Gazna biržasynyň Birža söwdalaryny guramak we geçirmek boýunça jogapkär işgäri;

**Dellal** - degişli ygtyýarnamanyň esasynda işini amala aşyrýan gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy bolup, tabşyryk ýa-da komissiýa şertnamasy esasynda hereket edýän ýa-da komissioner hökmünde gymmatly kagyzlar bilen raýat-hukuk geleşiklerini amala aşyrýan ýuridik şahys. Dellal müşderiniň tabşyrygy boýunça we serişdeleriniň hasabyna onuň bähbitlerinde hereket edýär;

**Diler** – degişli ygtyýarnamanyň esasynda işini amala aşyrýan gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy bolup, öz adyndan we öz hasabyna satyn alyş we (ýa-da) satyş nyrhlarynyň jemagat yglan edilmegi arkaly ol gymmatly kagyzlar boýunça geleşikleriň yglan edilen nyrhlar boýunça ýerine ýetirilmeginiň borçnamasy bilen gymmatly kagyzlaryň satyn alnyş-satylyş geleşiklerini amala aşyrýan ýuridik şahys;

**Rugsat soraýan tarap** – edara görnüşli tarap, onuň başlangyjy bilen emitentiň gymmatly kagyzlarynyň Birža söwdalarynda dolanyşykda bolmagyna rugsat berilýär. Rugsat soraýan tarap hökmünde emitentiň özi hem, başga islendik gurama hem çykyş edip biler;

**Market-meýker** – Gazna Biržasy tarapyndan agza hökmünde ykrar edilen we belli bir görnüşdäki gymmatly kagyzlar boýunça ikitaraplaýyn kesilen nyrhlary yzygiderli yglan etmek we goldamak borjuny öz üstüne alan Gazna Biržasynyň agzasy;

**Biržanyň agzasynyň treýderi (Treýder)** – Biržanyň agzasynyň adyndan Birža tarapyndan geçirilýän gymmatly kagyzlar bilen söwdalara gatnaşýan şahsy tarap;

**Söwdalara gatnaşyjy** – Söwda ulgamynda (Meýdançada) gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri baglaşmaga rugsat berlen we Birža tarapyndan geçirilýän gymmatly kagyzlar bilen söwdalara gatnaşýan Biržanyň agzasy;

**Anderraýter** – maýa goýujy kompaniýa bolup, emitent bilen şertnama esasynda gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny guramak boýunça dellalçylyk hyzmatlaryny edýän gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy;

**Listing** – Emissiýaly gymmatly kagyzlaryň we beýleki maliýe gurallarynyň gazna birža söwdalaryna goýberilmegi;

**Delisting** –Emissiýaly gymmatly kagyzlaryň we beýleki maliýe gurallarynyň gazna birža söwdalaryndan aýrylmagy;

**Listing kompaniýalary** – gymmatly kagyzlary Resmi sanawa goşulan edara görnüşli taraplar;

**Listing kompaniýasynyň maýalaşmagy** – paýnamanyň bazar bahasyny listing kompaniýasynyň tölenen paýnamalarynyň sanyna köpelmek;

**Lot** – Gazna biržasy tarapyndan bellenen, gymmatly kagyzlaryň Gazna birža söwdalarynda baglaşylýan geleşikleriň birligi bolup durýan gymmatly kagyzlaryň bukjasy;

**Bahalandyrmak (kotirowka)** – Gymmatly kagyzlaryň bahalarynyň Gazna Biržasynyň söwdalarynda bellige alnan görkezijileri (bahalar, möçberler we beýleki mümkin bolan görkezijiler). Gazna Biržasynyň agzalarynyň gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri baglaşmak üçin talaplarynyň we teklipleriniň Birža söwdalarynda bellige alnan görkezijileri, ýagny satyn almagyň aňrybaş çäkleri, satmagyň iň pes bahalary we möçberleri, talaplaryň we teklipleriň gabatlaşdyrylmagynyň (kanagatlandyrylmagynyň) netijeleri.

Birža tarapyndan amala aşyrylýan, Birža söwdalarynda dolanyşyga goýberilen gymmatly kagyzlar bilen söwdalaryň netijeleri baradaky maglumatlary toplamak, işlemek we yglan etmek;

**Iki ugurly bahalandyrmak** – gymmatly kagyzlaryň Biržanyň agzasy tarapyndan yglan edilen satyn alynýan we/ýa-da satylýan bahasy.

Iki ugurly bahalandyrylanda, Biržanyň agzasy gymmatly kagyzlaryň satyn alynjak bahasyny hem, satyljak bahasyny hem görkezýär. Biržanyň agzasy bu bahalar boýunça yglan eden ýa-da onuň kabul eden şertlerinde geleşik baglaşmaga taýýardyr;

**Indikatiw bahalandyrmak** – gymmatly kagyzlaryň Biržanyň agzasy tarapyndan yglan edilen satyn alynýan we/ýa-da satylýan bahasy.

Indikatiw bahalandyrylanda, Biržanyň agzasy bu bahalar boýunça yglan eden ýa-da onuň kabul eden şertlerinde geleşikleri baglaşman hem biler;

**Berk bahalandyrmak** – gymmatly kagyzlaryň Biržanyň agzasy tarapyndan yglan edilen satyn alynýan we/ýa-da satylýan bahasy.
Berk bahalandyrylanda Biržanyň agzasy bu bahalar boýunça yglan eden ýa-da onuň kabul eden şertlerinde geleşikleri baglaşmaga gyşarnyksyz ylalaşýandygyny aňladýar;

**Biržanyň Söwda ulgamy (Söwda ulgamy)** – özara baglanyşykly jaýlaryň, enjamlaryň, esbaplaryň, maglumat-tehniki serişdeleriň, Içerki resminamalaryň we beýleki zerur bolan aktiwleriň we düzgünleriň jemi, olar arkaly Biržanyň agzalarynyň arasynda gymmatly kagyzlar bilen geleşikler baglaşylýar;
**Birža meýdançasy (Meýdança)** – Söwda ulgamynyň bir bölegi bolup, ol bu ulgamyň beýleki böleklerinden söwdalara gatnaşýanlara we onda dolanyşykda bolýan gymmatly kagyzlara bildirilýän özboluşly talaplar, şeýle hem gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri baglaşmagyň we olary ýerine ýetirmegiň şertleri bilen tapawutlanýar;

**Söwda ulgamynda (Meýdançada) dolanyşykda bolmak** – gymmatly kagyzyň Söwda ulgamynda (Meýdançada) baglaşylýan geleşigiň predmeti bolmak mümkinçiligi;

**Biržanyň Söwda güni (Söwda güni)** – senenama gününiň çäklerinde Birža tarapyndan bellenen döwür, onuň dowamynda Biržanyň Söwda ulgamynda gymmatly kagyzlar bilen geleşikler baglaşylyp bilinýär;

**Biržanyň Söwda sessiýasy (Söwda sessiýasy)** – Söwda gününiň bir bölegi. Eger Söwda güni Birža tarapyndan aýry-aýry böleklere bölünmeýän bolsa, onda "Biržanyň Söwda güni (Söwda güni)" we "Biržanyň Söwda sessiýasy (Söwda sessiýasy)" düşünjeler deň manyly bolup durýar;

**Biržanyň ýörite hasaby –** Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Biržanyň haýsy bir bankdaky ýörite hasaby;

**TMB** - Türkmenistanyň Merkezi banky;

**Depozitariý** – gymmatly kagyzlar bazarynyň ýöriteleşdirilen hünärli gatnaşyjysy bolup, depozitariniň hyzmatlaryndan peýdalanýan şahys – deponent bilen baglaşylan depozitar şertnamanyň esasynda gymmatly kagyzlaryň saklanylmagy we (ýa-da) gymmatly kagyzlara bolan hukuklaryň geçmeginiň hasaba alynmagy boýunça hyzmatlary edýän edara görnüşli tarap;

**"Depo" hasaby** – Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysynyň Depozitariýdäki hasaby. “Depo” hasaby nominal saklamak we/ýa-da gymmatly kagyzlary hasaba almak üçin niýetlenýär;

**T+0 usuly** – Birža söwdalarynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň usuly. T+0 usulynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklar, geleşikleriň baglaşylan güni amala aşyrylýar. T – söwdalaryň geçirilen gününiň şertli aňlatmasy, 0 – baglaşylan geleşikler boýunça gutarnykly hasaplaşyklary geçirmek üçin bellenen iş günleriniň sany;

**T+N usuly** – Birža söwdalarynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň usuly. T+N usulynda baglaşylan geleşikler boýunça gutarnykly hasaplaşyklary geçirmek üçin bellenen iş günleriniň sany “N“ şertli aňlatmasyna deňdir. “N“ şertli aňlatmasy 3 (üç) iş günden köp bolmaly däldir;

**T+3 usuly** – Birža söwdalarynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň usuly. T+3 usulynda baglaşylan geleşikler boýunça gutarnykly hasaplaşyklar, geleşikleriň baglaşylan gününden soň, üçünji iş günden gijä galman amala aşyrylýar;

**"Outright" usuly** – Birža söwdalarynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň usuly. "Outright" usulynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň senesi, geleşik baglaşylan pursatda Gazna Biržasy tarapyndan kesgitlenýär. Hasaplaşyklaryň möhleti 3 (üç) iş günden köp bolmaly däldir.

# I. Gazna biržasynda söwdasy edilýän gymmatly kagyzlar

## 1.1. Gymmatly kagyzlary gazna biržasynda dolanyşyga goýbermegiň şertleri

**1.1.1.** Gazna biržasynda dolanyşyga şular goýberilýär:

- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen ýa-da Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan çykarylan Türkmenistanyň döwlet gymmatly kagyzlary;

- Türkmenistanyň döwlete degişli bolmadyk kärhanalary we guramalary tarapyndan emissiýasy edilen gymmatly kagyzlar;
- Türkmenistanyň beýleki gymmatly kagyzlary we maliýe gurallary;
- binýatlyk aktiwi, gazna biržasynda dolanyşyga (söwdalara) goýberilen gymmatly kagyzlar bolup durýan, gymmatly kagyzlardan döredilýän kagyzlar (deriwatiw).

**1.1.2.** Gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýbermek tertibi Gymmatly kagyzlaryň listingi hakynda Tertip bilen tertipleşdirilýär.

## II. Gymmatly kagyzyň esasy görkezijileri (parametrleri)

**2.1.** Gazna biržasynda dolanyşyga goýberilen gymmatly kagyzlaryň esasy görkezijileri (parametrleri) her bir gymmatly kagyzlar boýunça emissiýanyň teswir listi görnüşinde beýan edilýär. Türkmenistanyň döwlet gymmatly kagyzlary üçin teswir listleri düzülmeýär.

**2.2.** Gymmatly kagyzyň teswir listi onuň emitenti, görnüşi, nominal gymmaty, emissiýanyň möçberi, gymmatly kagyzlaryň sany, sanawy saklaýjy baradaky maglumatlary we gazna biržasynyň söwdalaryna gatnaşyjylara onuň bilen geleşikleri amala aşyrmak üçin zerur bolan beýleki maglumatlary öz içine alýar.

## III. Gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalaryna gatnaşyjylar

### 3.1. Gazna biržasynyň söwdalaryna gatnaşyjylar – Gazna biržasynyň agzalary

**3.1.1.** Gazna biržasynyň agzalarynyň özlerine berlen agzalyk derejelerine laýyklykda, gazna biržasy tarapyndan gymmatly kagyzlar boýunça geçirýän söwdalara gatnaşmaga haklary bardyr.

**3.1.2.** Gazna biržasynyň agzalygyna kabul etmegiň tertibi we şertleri Agzalyk hakynda Tertip bilen tertipleşdirilýär.

## IV. Treýderler

**4.1.** Gymmatly kagyzlar boýunça söwdalara gazna biržasynyň agzasynyň adyndan olar tarapyndan ygtyýar berlen şahsy taraplar – treýderler gatnaşýarlar, olaryň gymmatly kagyzlar bilen geleşik baglaşmak boýunça işleri ýerine ýetirmeklerine rugsat edýän, gymmatly kagyzlar bilen işlemäge hukuk berýän hünär şahadatnamalary bolmalydyr.

**4.2.** Treýderlere söwdalara gatnaşmaga rugsat bermegiň şertleri gazna biržasynyň içerki resminamalary bilen kesgitlenýär.

**4.3.** Gazna biržasynda söwdalarynyň barşynda treýder tarapyndan gymmatly kagyzlar bilen geçirilen islendik amallar onuň wekilçilik edýän gazna biržasynyň agzasynyň hereketlerine deňleşdirilýär.

**4.4.** Treýder tarapyndan şu Tertibiň we gazna biržasynyň gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri baglaşmagyň we olary ýerine ýetirmegiň tertibini düzgünleşdirýän beýleki içerki resminamalarynyň şertleriniň bozulandygy ýüze çykarylanda, gazna biržasynyň bu treýderi gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalaryna gatnaşmakdan çetleşdirmäge haky bardyr.

Treýderi gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalaryna gatnaşmakdan çetleşdirmek baradaky çözgüt, gazna biržasynyň ýörite döredilen topary tarapyndan kabul edilýär.

Treýderi gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalaryna gatnaşmakdan çetleşdirmek baradaky çözgüt boýunça, onuň wekilçilik edýän gazna biržasy agzasy tarapyndan gazna biržasyna şikaýat edilip bilner.

Şikaýat etmek, çetleşdirmek baradaky çözgüdiň hereketini togtatmaýar.

Çetleşdirmek barada gutarnykly çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, treýderiň çetleşdirilýändigi baradaky maglumatlar ygtyýarlandyryjy edara berilýär.

## V. Söwdalara gatnaşmaga rugsat edilýän beýleki taraplar

**5.1.** Treýderlerden we gazna biržasynyň gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalaryna hyzmat edýän işgärlerinden, şeýle hem gazna biržasynyň başlygyndan, onuň orunbasaryndan, gymmatly kagyzlaryň dolanyşygyna hyzmat edýän ýöriteleşdirilen bölümiň ýolbaşçysyndan, degişli bölümleriniň başlyklaryndan başga adamlaryň gazna biržasynyň söwdalaryna diňe synlaýjy hökmünde we diňe gazna biržasynyň başlygynyň ýa-da onuň orunbasarynyň rugsady bilen gatnaşmaga haklary bardyr.

**5.2.** Gazna biržasynyň söwdalaryna gatnaşýanlaryň hiç biriniň söwdalaryň geçirilýän wagtynda meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga, bildiriş yglan etmäge we bellik etmäge, şeýle hem şu söwdalara gatnaşygy bolmadyk beýleki hereketleri ýerine ýetirmäge haky ýokdur.

**5.3.** Treýderlerden başga birža söwdalaryna gatnaşýan beýleki adamlara gazna biržasynda söwdasy edilýän gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirmek gadagan edilýär. Gazna biržasynyň söwdalaryna synlaýjy hökmünde gatnaşýan adamlara söwda işine göni ýa-da gytaklaýyn gatnaşmak gadagan edilýär.

## VI. Gymmatly kagyzlar boýunça gazna birža söwdalaryny geçirmek Gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri resmileşdirmek

**6.1.** Gymmatly kagyzlar boýunça birža söwdalarynyň geçirilýän ýeri we wagty.

**6.1.1.** Gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalarynyň geçirilýän ýeri we wagty Gazna biržasy tarapyndan bellenilýär.

**6.1.2.** Gazna biržasy, özüniň gymmatly kagyzlar boýunça geçirýän söwdalaryna gatnaşyjylara olaryň geçirilýän ýeri we wagty barada (ýeriniň we wagtynyň üýtgändigi barada) söwdalar başlanmazyndan 24 sagat öňünden gijä galman habar bermelidir.

## VII. Gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalaryny geçirmegiň ýörelgeleri

**7.1.** Gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalaryny geçirmegiň usullary şu Tertip bilen bellenilýär.

**7.2.** Gymmatly kagyzlara baglylykda we gymmatly kagyzlar bilen söwdalaryň üznüksizligini üpjün etmek maksady bilen, gazna biržasynyň söwdalaryny geçirmegiň usullarynyň biri, gazna biržasy tarapyndan esasy usul hökmünde, galan usullaryň biri ýa-da ondan köp möçberi, goşmaça usul hökmünde saýlanyp bilner.

**7.3.** Gymmatly kagyzlaryň biri boýunça gazna biržasynyň söwdalaryny esasy usul bilen geçirmek mümkin bolmadyk ýagdaýynda, gazna biržasynyň çözgüdi bilen goşmaça usullaryň biri peýdalanylýar.

**7.4.** Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjylary, emitent tarapyndan gymmatly kagyzlar birinji gezek gymmatly kagyzlar bazaryna çykarylanda hem-de gymmatly kagyzlar dellallar tarapyndan alnyp satylanda bu söwda geleşiklerini gazna biržasynda amala aşyrmaly we hasaba almaly.

## VIII. Gymmatly kagyzlar boýunça gazna biržasynyň söwdalaryny geçirmegiň usullary

**8.1.** Söwda geçirmegiň usullary:

### 8.1.1. Adaty auksion usuly

Bu usulda satyjy iň köp möçberde we iň ýokary bahada gymmat bahaly kagyzlaryny satmagy maksat edinýär, satyn alyjy bolsa iň amatly bahada satyn almaga maksat edinýär. Söwdanyň bu usulynda diňe bir satyjy we köp satyn alyjy, ýa-da bir satyn alyjy ýa we köp satyjy bolanda ýerine ýetirilýär. Gazna biržasynyň söwdasy gymmat bahaly kagyzlaryň diňe bir görnüşi üçin gurnalýar. Bu usul diňe listingdäki gymmat bahaly kagyzlar üçin ulanylýar.

Söwdanyň bu usuly iki görnüşde geçirilýär.

#### 8.1.1.1. Açyk teklip arkaly

Adaty auksionyň bu usulynda gymmat bahaly kagyzlar satylmak islenilende, satyjy tarap gymmat bahaly kagyzy haýsy alyjynyň näçeden aljakdygyny soraýar hem-de adaty auksion arkaly gymmat bahaly kagyzlaryny ýerleşdirýär. Gymmat bahaly kagyzyň diňe bir alyjy tarapyndan satyn alynmak islenende bolsa haýsy satyjynyň näçe möçberden satjakdyklary barada teklipleri soraýar we adaty auksion usulynda gymmat bahaly kagyzy ýerleşdirýär.

#### 8.1.1.2. Ýazmaça teklip arkaly

Bu görnüş auksionda teklipler ýazmaça berilýär. Gymmat bahaly kagyzy satjak tarap alyjy taraplardan baha tekliplerini we möçberlerini soraýar. Alyjylar ýazmaça usulda haýsy bahadan näçe aljakdyklaryny gazna biržasynyň maklerine berýärler. Baha teklipleri maklera berlende, baha-wagt nobatyna (yzygiderliligine) görä tekliplerиň sanawy düzülýär. Makler teklipleri baha boýunça ýokardan aşak nobata goýup iň ýokary bahadan gymmatly kagyzlary satmaga başlaýar we satyjynyň bellän mukdar gutarýança aşaklygyna gidýär. Alyjylaryň aljak bahalarynyň deň gelen ýagdaýynda, makler wagt nobatyna laýyklykda öňürtiligi kesgitleýär.

Diňe bir alyjy tarapyň gymmat bahaly kagyzlary satyn almak üçin auksion geçirmeginde bolsa, satyjylar satuw baha we mukdarlaryny ýazmaça usulda gazna biržasynyň maklerine berýärler. Makler bolsa berlen

teklipleri iň pes bahadan ýokarlygyna nobata goýup iň pes bahadan satmana başlaýar we alyjynyň bellän mukdaryna ýetýänçä dowam edýär.

Söwdanyň dilden we ýazmaça görnüşleriniň ikisinde hem alyjy tarap aljak gymmat bahaly kagyzy üçin iň ýokary bahany, satyjy tarap bolsa satjak gymmat bahaly kagyzy üçin iň pes bahany söwda başlamazdan öň kesgitläp, auksiony şol bahadan başlap bilerler.

Taraplaryň töleg boýunça borçnamalary gazna biržasynyň hasaplaşyk düzgünleri esasynda amala aşyrylýar.

### 8.1.2. Gazna biržasyndaky söwdalarynyň teklipli usuly

Gazna biržasyndaky söwdalaryň teklipli usulynda, alyjy we satyjy taraplaryň tekliplerinden söwdanyň iň ýokary mukdaryny emele getirýän bahany kesgitläp, söwdanyň bu bahadan amala aşyrylýan usuly bolup durýar. Haýsy hem bolsa bir gymmatly kagyzlar üçin şol gymmatly kagyzlary satyn almak ýa-da satmak üçin, söwdalara gatnaşýan dellallar öz tekliplerini maklera berýärler. Makler, bu teklipleri belli bir wagt aralygynda ýygnaýar. Soňra dellallaryň teklipleri esasynda gymmatly kagyzlaryň sany boýunça iň köp möçberde söwdanyň emele geljegi bir baha kesgitlenýär we bu baha gymmatly kagyzlaryň bahasy yglan edilip söwdalar bu baha boýunça geçirilýär.

### Teklipli usulyň ýörelgeleri

8.1.2.1. Bu usula laýyklykda, söwda sessiýasynyň dowamynda dellallaryň almak-satmak teklipleri belli bir wagt aralygynda, makler tarapyndan ýygnalýar. Teklip berilýän wagt araçäginde söwdalar geçirilmeýär. Teklipleri ýygnamak üçin bellenen wagt tamamlanandan soň, kumulatiw hasaplamalaryna laýyklykda iň köp mukdarda söwdanyň amala aşyrylmagyny üpjün edýän gymmatly kagyzlaryň bahasy kesgitlenýär. Gymmaty kagyzlar üçin berlen ähli teklipleriň söwdasy, kesgitlenen baha bilen amala aşyrylýar.

8.1.2.2. Teklipler berlende, gazna biržasynyň iň köp mukdar we baha boýunça çäklendirmelerine laýyklykda berilýär.

8.1.2.3. Gymmat bahaly kagyzlary almak ýa-da satmak üçin teklipler berlende Gazna biržasynyň düzgünleşdirýän aşakda görkezilen baha basgançaklaryna görä berilýär.

**Gymmatly kagyzlarda baha üýtgeme basgançaklary**

| Manat aralykda | |
|---|---|
| 1-9 | 0,2 |
| 10-49 | 1 |
| 50-99 | 5 |
| 100-499 | 10 |
| 500-999 | 50 |
| 1000 we ýokary | 100 |

**8.1.2.4.** Teklipleriň kabul edilýän wagty aralygynda söwdalar amala aşyrylmaýar.

**8.1.2.5.** Teklipleriň kabul edilýän araçägiňde teklipleriň üýtgedilmegine rugsat berilýär.

**8.1.2.6.** Teklipleri kabul etmegiň wagty tamamlanandan soň, iň köp söwdanyň üpjün edilýän ýeke-täk baha yglan ediler. Teklipli söwdanyň şu nobatyndaky ähli geleşikler bu bahadan amala aşyrylar.

Satyn alynýan we satylýan gymmatly kagyzlarynyň mukdary tapawut edýän ýagdaýynda, tapawut edýän mukdar satyn alyjylarda artykmaçlyk etse, gymmatly kagyzlarynyň satuwynyň nobatyny ýokary baha hödürleýän satyn alyjylardan başlamaly.

Tapawut edýän mukdar, satyjylarda artykmaçlyk etse, gymmatly kagyzlarynyň satuwynyň nobatyny pes baha hödürleýän satyjylardan başlamaly.

Ýokarda beýan edilenler bilen baglylykda, satyn alyjylaryň ýa-da satyjylarynyň hödürlän bahasynyň deň bolan ýagdaýynda, onda ilki teklip beren tarapyň teklibi kanagatlandyrylýar.

| Baha | Satyn almak üçin berlen teklipler (mukdar) | Satyn almak üçin berlen teklipleriň kumulatiw jemi (mukdar) | Satmak üçin berlen teklipleriň kumulatiw jemi (mukdar) | Satmak üçin berlen teklipler (mukdar) |
|---|---|---|---|---|
| 55 | 100 | 100 | 500 | 100 |
| 54 | 100 | 200 | 400 | 100 |
| 53 * | 100 | 300 | 300 | 100 |
| 52 | 100 | 400 | 200 | 100 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 51 | 100 | 500 | 100 | 100 |

Iň kän geleşigiň amala aşmasyny üpjün edýän baha geleşik bahasy diýilýär. Ýokarky mysalda 53 geleşik bahasy hökmünde kesgitlenendir. Bu bahadan 300 geleşik amala aşyrylýar, satyn alyjylar we satyjylar tarapyndan bu bahadan 300 lot teklip edilýär. Tablisada görkezilen beýleki baha derejelerinde amala aşyryljak geleşikler 300 lotdan az bolýar.

**8.1.2.7.** Iň köp söwdany üpjün edýän 2 sany baha emele gelen ýagdaýynda, kumulatiw hasabyna görä haýsy bahada satylýan we satyn alynýan gymmatly kagyzlarynyň sanynyň tapawudy pes bolsa, şol baha geleşigiň bahasy diýip yglan edilýär.

Şeýle ýagdaýda tapawut edýän mukdar, satyn alyjylarda artykmaçlyk etse, gymmatly kagyzlarynyň satuwynyň nobatyny ýokary baha hödürleýän satyn alyjylardan başlamaly.

Tapawut edýän mukdar, satyjylarda artykmaçlyk etse, gymmatly kagyzlarynyň satuwynyň nobatyny pes baha hödürleýän satyjylardan başlamaly.

Ýokarda beýan edilenler bilen baglylykda, satyn alyjylaryň ýa-da satyjylarynyň hödürlän bahasynyň deň bolan ýagdaýynda, onda ilki teklip beren tarapyň teklibi kanagatlandyrylýar.

**8.1.2.8.** Kumulatiw hasabyna görä, iň köp söwdany emele getirýän iki baha emele gelip, satyn alynýan we satylýan gymmatly kagyzlarynyň mukdarynyň tapawudy iki bahada da deň bolan ýagdaýynda, şol sessiýada satmak we satyn almak üçin berlen teklipleriň umumy mukdaryna seredilер. Teklip edilen umumy mukdara görä, satyn alynýan gymmatly kagyzlarynyň mukdary köp bolsa, iki bahadan ýokarkysy saýlanýar. Eger-de, teklip edilen umumy mukdara görä, satylýan gymmatly kagyzlarynyň mukdary köp bolsa, onda iki bahadan pesi saýlanýar.

**8.1.2.9.** Ýokardakylara laýyklykda, emele gelen 2 bahadan birini kesgitläp bolmadyk ýagdaýynda, şol sessiýadaky hödürlenen ähli bahalarynyň ortaça hasaplanan ölçeg (weighted average) boýunça bahasy çykarylyp şol sessiýanyň bahasy diýip yglan edilýär.

**8.1.2.10.** Gymmatly kagyzlaryň söwdasy geçirilmedik mukdary indiki sessiýa goýulýar. Indiki sessiýada olar boýunça täzeden teklipler berilýär. Öňki teklipleri indikä geçirilmeýär.

**8.1.2.11.** Bir öňki sessiýada yglan edilen baha indiki söwdanyň indikatiw bahasy hasap edilýär.

**Teklipli usulda söwdanyň tapgyrlary**

Bu usula geçirilýän söwda sessiýasy iki tapgyrdan ybaratdyr, ýagny teklip ýygnamak we ahyrky bahalandyrmak tapgyrlary.

**Teklip ýygnama tapgyry**

Bu tapgyrda satyn alyjylar we satyjylar öz tekliplerini maklera berýärler.
Bu tapgyrda:

- Baha teklipleri maklera berlende, wagt nobatyna (yzygiderligine) görä tekliplериň sanawy düzülýär.  Söwda amala aşyrylmaýar;
- Bir sessiýada berlen teklipler sessiýanyň soňuna çenli täzeden berlip bilner. Bu ýagdaýda soňky berlen teklibe görä nobat düzüler;
- Teklipler sessiýa gutarýança yzyna alnyp bilner.

**Ahyrky bahalandyrmak tapgyry**

- Teklipleri ýygnamak üçin berlen wagt tamamlanandan soň, maklera berlen teklipler hasaplanyp, geleşigiň bahasy yglan edilýär.
- Bu tapgyrda teklip berilmeýär we/ýa-da berlen teklipler yzyna alynmaýar we ýatyrylmaýar.

### 8.1.3. Üznüksiz auksion (continious auction)

Gazna biržasyndaky üznüksiz söwdalar, gazna biržasynyň Elektron söwda ulgamy arkaly geçirilýär. Elektron söwda ulgamy arkaly söwdalarda, satyjynyň talap eden bahasy (bahalandyrmasy) we satyn alyjynyň teklip berýän bahasy gabat getirilýär we bu bahadan (bahalandyrmadan) söwda amala aşyrylýar.

Gymmatly kagyzlary satyn almak ýa-da satmak üçin söwdalara gatnaşýan dellallar öz tekliplerini elektron söwda ulgamyna girizýärler. Elektron söwda ulgamy, bu teklipleri söwda sessiýasynyň dowamynda üznüksiz ýygnap,

satyjylaryň we satyn alyjylaryň bahalaryny deň getirip geleşikleri amala aşyrýar.

Teklipler berlende, gazna biržasynyň iň köp mukdar we baha boýunça çäklendirmelerine laýyklykda berilýär.

Gymmatly kagyzlaryň söwdasy geçirilmedik mukdary indiki sessiýa goýulýar.

Bir öňki sessiýada yglan edilen baha indiki söwdanyň indikatiw bahasy hasap edilýär.

Gazna biržasynyň üznüksiz söwda sessiýasynyň açylyş we ýapylyş wagtlary gazna biržasynyň içerki resminamalary bilen düzgünleşdirilýär.

Taraplaryň töleg boýunça borçnamalary gazna biržasynyň hasaplaşyk düzgünleri esasynda amala aşyrylýar.

### 8.1.4. Hususy söwda usuly

Söwdanyň bu usuly döwlet gazna obligasiýalaryny ikinji bazarynda ýerlemek üçin ulanylyp bilner. Bu söwda usulunda döwlet gazna obligasiýalary nominal bahasynda satylýar. Bu usulda satyjy maýa goýujylary özi saýlaýar.

Bu usulda satyjy hem-de satyn alyjy degişli dellallaryň üsti bilen geleşigi gazna biržasynda amala aşyrýarlar. Gazna biržasy bu geleşikleri hasaba alýar we hyzmatlary üçin gazna biržasynyň nyrhnamasy boýunça töleg alýar.

Hususy usulda, döwlet gazna obligasiýalary bilen geleşikler şu görnüşde amala aşyrylýar:

- Söwda gatnaşyjylar, gazna obligasiýalaryny satmak ýa-da satyn almak boýunça degişli dellalara ýüz tutýarlar. Şeýlelik bilen, satýan tarap döwlet gazna obligasiýalaryny gazna biržasynyň üsti bilen satmak boýunça dellal bilen dellalyk şertnamasyny baglaşýar. Şeýle-hem satyn alýan tarap döwlet gazna obligasiýalaryny gazna biržasynyň üsti bilen satyn almak boýunça dellal bilen dellalyk şertnamasyny baglaşýar;
- Söwda gatnaşyjylaryň dellalarynyň arasynda, döwlet gazna obligasiýalaryny satyn almak – satmak şertnamasy düzülýär. Şertnamanyň mysaly nusgasy gazna biržasyndan alnyp bilner. Şertnamada, taraplar barada maglumatlar, taraplaryň hukuklary we borçlary, şertnamanyň mazmuny, bahasy, hasaplaşyk tertibi we möhleti, taraplaryň jogapkärçiligi hem-de gymmatly kagyzlar barada maglumatlar we beýleki düzgünler görkezilýär;

- Şertnama gol çekilenden soň, bu şertnamany hasaba almak üçin gazna biržasyna ýüz tutulýar. Gazna biržasy 5 iş güniň dowamynda bu ýüz tutma seredýär. Geleşigi amala aşyrmak şertleri doly ýerine ýetirilen ýagdaýynda şertnama hasaba alynýar. Şertnama hasaba alnandan soň, şertnama boýunça taraplaryň arasynda pul serişdesi bilen özara hasaplaşyklar 5 iş güniň dowamynda amala aşyrylýar hem-de gazna biržasynyň nyrhnamasyna laýyklykda ýygymlary tölenýär;
- Hasaplaşyklar amala aşyrylandan soň, satyjynyň hasabyna şol şertnama boýunça tölegiň amala aşyrylandygy barada bankdan degişli resminama gazna biržasyna berilýär. Soňra, zerur bolan halatynda gazna biržasy tarapyndan döwlet gazna obligasiýalarynyň eýeçiligi üýtgändigi barada delilnama berilýär. Eger satyn alyjy tarap ýokarda bellenilen möhletde şol şertnama boýunça Gazna biržasynyň ýygymyny hem-de satýan tarapa degişli tölegi geçirmedik ýagdaýynda, bu geleşik ýatyrylýar we gymmatly kagyzlaryň eýeçiligi üýtgemeýär.

### 8.1.5. Döwlet gazna obligasiýalaryny birinji bazarda ýerlemegiň usuly.

Bu usul Döwlet gazna obligasiýalaryny diňe birinji bazarda dolanyşyga goýberilende ulanylýar. Döwlet gazna obligasiýalarynyň ikinji bazarda dolanyşyga goýberilen ýagdaýynda gazna birža söwdalarynyň degişliligi boýunça beýleki usullary ulanylýar.

Söwdanyň bu usulynda döwlet gazna obligasiýalary listinge çykarman ýerlenilýär. Bu söwda usulunda taraplar, geleşigiň şertlerini özara düşünişmek arkaly geleşigi amala aşyrýarlar. Şeýle-hem, satýan tarapyň islegine görä bu döwlet gazna obligasiýalary ýazmaça auksion usuly bilen ýerlenip bilner. Ýazmaça auksion usulynda, teklipler arasyndaky öňürtülik möçbere görä kesgitlenýär.

Bu usulda satyjy maýa goýujylary özi saýlap bilýär. Maýa goýujylar, döwlet gazna obligasiýalaryny satyn almak üçin dellal arkaly gazna birža söwdasyna gatnaşýar.

Türkmenistanyň Merkezi banky, döwlet gazna obligasiýalaryny satyn almak we satmak boýunça Aşgabat gazna biržasynyň söwdalaryna gönümel gatnaşyp biler.

Taraplar döwlet obligasiýalarynyň bahasyny özara ylalaşyp, geleşigi gazna biržasynyň üsti bilen amala aşyrýarlar.

Döwlet gazna obligasiýalaryny ýerlemegiň usulynda geleşikler şu görnüşde amala aşyrylýar:

Döwlet gazna obligasiýalaryň emissiýasy barada maglumatlary we hasaba alnandygy barada delilnama, satyjy tarapyndan gazna biržasyna hödürlenýär.

Taraplaryň arasynda satyn almak – satmak şertnamasy düzülýär. Şertnamanyň mysaly nusgasy gazna biržasyndan alnyp bilner. Şertnamada, taraplar barada maglumatlar, taraplaryň hukuklary we borçlary, şertnamanyň mazmuny, bahasy, hasaplaşyk tertibi we möhleti, taraplaryň jogapkärçiligi hem-de gymmatly kagyzlar barada maglumatlar we beýleki düzgünler görkezilýär.

Şertnama gol çekilenden soň, bu şertnamany hasaba almak üçin gazna biržasyna ýüz tutulýar. Gazna biržasy 5 iş güniň dowamynda bu ýüz tutma seredýär. Geleşigi amala aşyrmak şertleri doly ýerine ýetirilen ýagdaýynda hem-de gazna biržasynyň hasaba almak ýygymlary tölenenden soň, şertnama hasaba alynýar. Gazna biržasynyň ýygymlary, Aşgabat gazna biržasynyň nyrhnamasyna laýyklykda tölenilýär. Şertnama hasaba alnandan soň, şertnama boýunça taraplaryň arasynda pul serişdesi bilen özara hasaplaşyklar 5 iş güniň dowamynda amala aşyrylýar.

Şertnama boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylandan soň, zerur bolan ýagdaýynda Gazna biržasy tarapyndan degişli geleşigiň amala aşyrylandygy barada delilnama berilýär.

## IX. Gazna biržasynyň hyzmatlary üçin tölegler

**9.1.** Gazna biržasy agzalyk hem-de gymmatly kagyzlar bilen bagly ýerine ýetirýän beýleki hyzmatlary üçin ýygymlary we tölegleri alýar.

**9.2.** Ýygymlaryň we tölegleriň möçberi, hasaplamagyň we tölemegiň tertibi, Gazna biržasynyň nyrhnamasy bilen kesgitlenýär.

## X. Gymmatly kagyzlar bilen Gazna biržasynyň geleşikleri. Geleşikleri resmileşdirmek

**10.1.** Şu Tertibe laýyklykda, geçirilen söwdalaryň barşynda söwdalara gatnaşyjylaryň arasynda baglaşylan gymmatly kagyzlary satyn almak-satmak geleşikleri gymmatly kagyzlar bilen gazna biržasynyň geleşikleri diýip ykrar

edilýär. Gymmatly kagyzlar bilen gazna biržasynyň geleşikleri, olar Söwda ulgamynda bellige alnandan soň baglaşyldy diýip hasap edilýär.

**10.2.** Gymmatly kagyzlar bilen geleşikler, geleşikleriň ykrarnamasy bilen resmileşdirilýär.

**10.3.** Geleşikleriň ykrarnamasy, gazna biržasynyň söwdalarynda gymmatly kagyzlary satyn almak-satmak geleşikleriniň baglaşylandygyny, şeýle hem şu geleşigiň Gazna biržasy tarapyndan hasaba alnandygyny tassyklaýan resminama bolup durýar.

**10.4.** Geleşikleriň ykrarnamasy, gazna biržasynyň makleri we geleşigi baglaşan treýderlar tarapyndan gol çekilýär we gazna biržasynyň makleriniň möhüri basylyp tassyklanýar. Geleşikler ykrarnamasy, söwdalara gatnaşyjylaryň arasynda baglaşylan geleşikler boýunça, özara borçnamalaryny kesgitleýän hem-de şu Tertibiň we gazna biržasynyň içerki resminamalarynyň şertleriniň täsirinde bolýan resminama bolup durýar.

**10.5.** Geleşikleriň ykrarnamasy 3 nusgada resmileşdirilýär, olaryň ikisi geleşikleri baglaşan taraplaryň her birine berilýär, biri bolsa geleşigi hasaba almak üçin gazna biržasynda galýar.

## XI. Geleşikleri ýerine ýetirmek we hasaplaşyklaryň möhletiniň bozulandygy üçin jogapkärçilik

Gymmatly kagyzlar boýunça geleşikleri ýerine ýetirmegiň tertibi we möhletleri, şeýle hem hasaplaşyklaryň möhletiniň bozulandygy üçin jogapkärçilik Gymmatly kagyzlar bilen söwdalaryň jemleri boýunça hasaplaşyklary geçirmegiň Tertibinde bellenýär. Gymmatly kagyzlaryň häsiýetnamasyna we esasy görkezijilerine baglylykda tapawutlandyrylýar.

## XII. Gazna biržasynyň maglumatlary

**12.1.** Gazna biržasynyň agzalarynyň, gazna biržasyndan aşakda görkezilen maglumatlary almaga hukugy bardyr:

- Geleşige gatnaşan taraplary görkezmezden, gazna biržasynyň geleşikleri barada umumy maglumatlar;

- Gazna biržasynyň içerki resminamalarynda bellenen tertibe laýyklykda listing kompaniýalaryndan alynýan maglumatlar;
- Ygtyýarly edara tarapyndan gazna biržasynyň hünärmençilik işi babatynda geçirilen barlaglaryň netijeleri baradaky umumy maglumatlar.

**12.2.** Şu bölegiň birinji bölüminde görkezilen maglumatlar Gazna biržasynyň agzasy tarapyndan resmi soralanda alnyp bilner. Maglumatlar berlende gazna biržasynyň töleg almaga haky bardyr.

## XIII. Gyssagly häsiýetdäki çäreler

### 13.1. Gyssagly häsiýetdäki çäreler

**13.1.1.** Gyssagly häsiýetdäki çäreler diýip gazna biržasynyň söwdalaryna gatnaşyjylaryň ählisiniň, maýa goýujylaryň we gazna biržasynyň bähbitlerini goramaga gönükdirilen hereketlere diýilýär we söwdalaryň togtadylmagyny öz içine alýar.

**13.1.2.** Söwdalary duruzmagyň sebäpleri şular bolup biler:

- Gazna biržasynda dolanyşykdaky bolýan gymmatly kagyzlaryň hiliniň maýa goýujylaryň bähbitlerine düýpli howp salýan derejede ýaramazlaşmagy;
- gymmatly kagyzlar bilen geleşikler boýunça bahalaryň bir söwda gününiň dowamynda 50 göterimden we ondan ýokary derejede gyşarmalary;
- gazna birža söwdalaryna gatnaşyjylaryň ählisiniň, maýa goýujylaryň we Gazna biržasynyň bähbitlerine howp salýan beýleki ýagdaýlar.

**13.1.3.** Gyssagly häsiýetdäki çäreler gazna biržasynyň baş direktorynyň görkezmesi bilen girizilýär. Görkezmede hökmany suratda gyssagly çäreleriň görülmeginiň sebäpleri, olaryň häsiýeti we hereket edýän möhleti görkezilmelidir.

**13.1.4.** Gyssagly häsiýetdäki çäreleriň hereketi, olaryň hereket etmeli möhleti tamamlanandan soň bes edilýär. Zerur bolan halatynda, gyssagly häsiýetdäki çäreleriň hereket edýän möhleti uzaldylyp biliner. Görkezme haýal etmän gazna biržasynyň ähli agzalarynyň dykgatyna ýetirilýär.

## XIV. Jedellere seretmek

**14.1.** Jedelleri we düşünişmezlikleri çözmek

Söwdalara gatnaşyjylaryň arasynda, gazna biržasy bilen onuň agzalarynyň arasynda gazna biržasynyň geleşiklerini baglaşmak we ýerine ýetirmek boýunça ýüze çykýan jedeller we düşünişmezlikler, gepleşikler ýoly bilen, özara kabul ederlikli çözgüdiň tapylmadyk ýagdaýynda bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çözülmäge degişlidir.